***Bu suratda görýän ilkinji haýwan şekiliňiz sizde agalyk ediji şahsyýetiňizi açmaga ýardam edýär. Şahsyýet synaglary häsiýetimizi, zerurlyklarymyzy we daşky gurşawymyza dogry çemeleşmegimizi aňladyp biler. Häsiýet aýratynlyklarymyz hakda köp maglumat berýän bu synaglar geň galdyryjy netijeleri hem berip biler. Aşakdaky suraty üns bilen synlap, haýsy haýwany görendigiňizi anyklaň:***

*Onda, siz haýsy haýwany ilki gördüňiz?*

**Bars** – güýçli. Suratda ilkinji gören haýwanyňyz bars bolsaň, onda siz gaty güýçli şahsyýetsiňizdir. Dolandyrmagy gowy görýärsiňiz. Siz örän batyr we kynçylyklara garşy döz gelip bilýän adamsyňyzdyr. Kynçylyk – bu siziň üçin durmuş pelsepesi we siz ondan baş alyp çykmagy gowy görýärsiňiz. Adamlar size aşa köp ynanýarlar.

**Düýe** – sabyrly. Eger-de, siz ilki bilen düýäni gören bolsaňyz, bu ýagdaý sizde duýgy häsiýetiňiziň bardygynyň aňladylmasydyr. Sabyrly ädimler bilen maksatlaryňyza dogry barýarsyňyz. Başdan geçirýän kynçylyklaryňyz sizi hiç wagt gorkuzyp bilmez. Elmydama kynçylyklary ýeňip geçmegiň ýoluny tapýarsyňyz. Erkinligiňizi gaty gowy görýärsiňiz. Käwagt birneme passiw bolup bilseňizem, hukuklaryňyza gezek gelende nädip gürlemelidigini oňat bilýärsiňiz.

**Žiraf** – pespäl. Gören haýwanyňyz žiraf bolsa, onda sizde kiçigöwünlilik bar bolmaly. Siz hem garaýşy boýunça ýokary bolup, ýönekeý durmuşda ýaşamaga çalyşýan adamsyňyz. Durmuşda üstünlige ynanýarsyňyz. Aslynda üstünlik gazanjakdygyňyzy bilýärsiň we ulumsylyk etmän ýuwaşlyk bilen öňe gidýärsiň. Ýaşyňyzdan kiçi adamlary halamaýan tebigy aýratynlyk hem size mahsusdyr.

**Doňuz** – ýiti akylly. Ünsüňizi çeken haýwan doňuz bolsa, onda sizde ýiti garaýyşy bolan adam häsiýeti bardyr. Ýagdaýlar nähili bolsa-da, ýiti akyl bilen bir çykalga tapýarsyňyz. Güýçli erkiňiz bilen başaryp bilmejek zadyňyz ýokdur. Her niçigem bolsa, isleýän üstünligiňize ýetersiňiz. Bu beýleki adamlaryň size haýran galmagyna hem sebäp bolup biler.

**At** – garaşsyz. Haýwanlaryň arasyndan aty gören bolsaňyz onda siziň şahsyýetiňiz garaşsyzdyr. Erkin siziň üçin örän möhümdir. Üstünlik gazanmak hem siziň üçin erkinlik ýaly möhümdir. Şonuň üçin käbir meselelere giň nukdaýnazardan seredýärsiňiz.

**Tazy** – wepaly. Ilkinji gören haýwanyňyz tazy bolsa, diýmek siz gaty wepaly adamsyňyzdyr. Wepalylyga ýokary baha berýärsiňiz. Gatnaşyklaryňyzda iň möhüm zat size wepalylykdyr. Ynam we hormat siziň üçin durmuşyň manysydyr. Duýgularyňyz has güýçlidir. Çuňňur

Все права защищены

şahsyýetiňiz bolup, durmuşyňyza girjek adamlary gözden geçirýärsiňiz.

**Pil** – joşgunly. Ilkinji gören haýwanyňyz pil bolsa, durmuşyňyzy öz instinktleriňize görä ýaşaýarsyňyz. Şonuň üçin birine ynanýan bolsaňyz, elmydama olaryň ýanynda bolarsyň. Dostluk siziň üçin iň möhüm zatdyr. Ony ýitirmezlik üçin elinden gelenini etmegi maksat edinýän täsin gurluşyňyz bar. Durmuşdaky ownuk zatlar hakda hiç wagt alada etmeýärsiňiz. Bir mowzuk siziň üçin ýeterlik derejede möhüm däl bolsa, şol mowzuga üns hem bermeýärsiňiz.

**Aýy** – deňi-taýy bolmadyk güýç. Suratlaryň arasyndan aýyny görmegi başaran bolsaňyz, siziň deň-duşlaryňyzyň arasynda özboluşly we güýçli şahsyýetiz bardyr. Hemmeleriň ünsüni özüňize çekmegi başarýarsyňyz. Siziň mähirli we gülkünç tarapyňyzyň bardygyny hem bellemek zerur. Şonuň üçin köp adamly akyl oýunlaryny halamaýarsyňyz. Adamlaryň siz bilen doly dogruçyl bolmagyny isleseňiz, şol bir aç-açanlyk bilen çemeleşmegi özüňize makul bilýärsiňiz. Iň esasy zat şahsy çäkleriňizdir. Munuň artykmaç bolmagyna hiç wagt rugsat bermeýärsiňiz.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены